# Yhlas

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Yhlas Gülnabat ANNAMUHAMMEDOWA

▶ YHLAS

Daýhan aýasyna düşen däneler,
Seçelendi arzuw kimin boz ýere.
Mahmal ýapynjaly gadym ene ýer,
Gujagyna basdy, hüwdüläp ýene.

Mähirden üwreýär naşy dänäni,
Türkmen topragynyň mylaýym demi.
Ene söýgüsine ýugrulan şinäň,
Heý-de, şatlygynyň bolarmy çeni?!

Tylla zülplerini dökende güneş,
Şinäniň kalbynda döreýär arzuw.
…Daýhan yhlasynda boý alan maýsa,
Zere öwrülmegi dileg edýär guw.

▶ TUDANA

Tuduň saýasynda, ýabyň başynda,
Beýnide möwç urýar pikir sil bolup.
Mazalyja bişen gara tudana,
Suw ýüzüne düşýär gara hal bolup.

Owadan şekile gönükdi gözler,
Beýni-de howlukdy ýazmaga setir.
Bu dünýäň sowalyn çözüp bilmeseň,
Ine, saňa jogap,
Ajaýyp pikir.

Durmuş gazanynda gaýnaýyp, joşup,
Ornuň tapmak üçin bişmeklik gerek.
Dünýäň şirinligne goşulmak üçin,

Şahadan gögele düşmezlik gerek.

▶ SAZLAŞYK

Bu gözel dünýäni goşa didäme,
Sygdyryp bilýärin söýülen wagtym.
Älemiñ gursagna sygmaýan heñiñ,
Kalpda ýañlanşyna geñ galýar bagtam.

Joşgunyma haýran eýjejik serçe,
Bir dem dymyp, diñleýär meni.
Soñra çabga deýin ýüzläp, müñlerçe,
Gezek gaýtalaýar söýgüli heñi.

Jadyly owazdan oýanan güneş,
Nurlap barýar bagtly günleñ barysyn.
Tebigat hen Ynsan ~ Zemine dogan,
Yşk bilen sazlap ýör asman arasyn.

▶ ERK

Gahar joşup, ursa beýnä taýagyn,
Alar mäkäm tutan diliñ jylawun.
Erkiñ gandallasyn el-aýagyñy,
Dişiñ gysyp, öçür gahar alawun.

Gahara bäs gelmän gan guýlan gözler,
Oda ot oklaýan bir nepýagydyr.
Kanagat eýlemän atylan sözler,
Göwünleñ köşgüni ýykan ýalydyr. Goşgular